# Muhammet

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Muhammet MUHAMMET



Sanyg-sungy bilen peýda eýledi,
Desti-gudratyndan boldy Muhammet.
Dilin Hak zikrine şeýda eýledi,
Ýetmiş müň ýyl sena kyldy Muhammet.
Tawus guş suratly bitilmiş jany,
Deprenmeý Hak diýip, çekdi jepany,
Müň ýylda bir depräp, silkinip sany,
Göwher gözlerinden syldy Muhammet.

Dünýa geldi-geçdi päkize göwher,
Tufaýlyndan jahan boldy münewwer,
Meleýi min farah surury-anbar,
Jahan bazaryna saldy Muhammet.

Ýüz ýigrimi dört müň pygamber geçdi,

Olar geçdi, muňa nobat ýetişdi,
Enesi garnyndan zemine düşdi,
«Waý, ymmatym» diýip, galdy Muhammet.

«Kün» diýp emr etdi dünýä peýekun,
Barça janlar peýda boldy oşol gün,
Kimseler beg oldy, kimseler zebun,
Barçasyndan mahfy galdy Muhammet.

Bir güni Muhammet perzendin söýdi,
Mübärek adyny Ybraýym goýdy,
«Ýa ogluňdan, ýa ymmatdan geç» diýdi,
Halap ymmatlaryn aldy Muhammet.

Elmydam din öýün ymarat eýläp,
Käbe-Beýtyllany zyýarat eýläp,
Sebbäbe barmagyn yşarat eýläp,
Aýny du tarapa böldi Muhammet.

Abu Jähl bilen çoh-çoh söweşdi,
Kapyryň janyna otlar tutaşdy,
Kapyra tyg urdy, din ýolun açdy,
Yslamyň gylyjyn çaldy Muhammet.

Hak perman gönderdi resul emine,
Kuwwat bersin diýdi yslam dinine,
Altmyş üç ýyl padşah boldy zemine,
Dünýä meşhur bolup doldy Muhammet.

Ymmatym diýp janyn pida eýledi,
Özüni eşretden jyda eýledi,
Eziz ömrün ýyglap eda eýledi,
Jan berer halatga geldi Muhammet.

Kyrk oglan eneden bir günde boldy,
Içinde Muhammet äleme doldy,
Kyrklar han göterdi, patyşa boldy,
Fath edip jahany aldy Muhammet.

Kyrk oglan «han sen» diýp aýagna düşdi,
«Mende engam ýok» diýp gollaryn açdy,
Oşol sagat tut hem gögerdi, bişdi,
Mugjyzyn äşgäre kyldy Muhammet.

Nepes diýr okyr men hamdy-senany,
Pygambere durut, ýüz müň dogany,
Ymmatynda dagdan agyr günäni,
Magrajda ýazygyn ýüldi Muhammet. Goşgular